***2025-nji ýyl Türkmenistan üçin aýratyn taryhy ýyl bolup, şu ýyl ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagyna 30 ýyl dolýar. Bu senäniň BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygy bilen utgaşmagy bolsa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna taryhy dereje berýär. Şeýle hem Bitaraplyk taglymatynyň Garaşsyz Türkmenistanyň baş syýasy ugry hökmündäki binýatlyk ähmiýetini hem-de taryhy esaslaryny aýdyňlaşdyrýar.***

Türkmenistan sebit we ählumumy derejede öňüni alyş diplomatiýasyny durmuşa geçirmegiň esasy guraly hökmünde Bitaraplygyň netijelidigini yzygiderli görkezip gelýär. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň we onuň oňyn tejribesiniň Milletler Bileleşigi derejesinde üç gezek ykrar edilmegi bolsa Milli Liderimiz tarapyndan öňe sürlen «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýanyň, «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesiniň dünýäde giň goldawa eýe bolýandygyna, parahatçylyk söýüjilikli ýörelgeleriň dabaralanýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwletimiziň dünýäde ykrar edilen halkara hukuk ýagdaýy bolan hemişelik Bitaraplygy milli kanunçylygymyzda, Döwlet baýdagymyzda, Tugramyzda we Senamyzda öz mynasyp beýanyny tapdy. 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda «Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» hem-de «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Konstitusion Kanunlar kabul edildi.

Geçen ýyllarda paýtagtymyzda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy, ýurdumyzyň başlangyjy bilen Halkara Bitaraplyk gününiň esaslandyrylmagy, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň hem-de «Türkmenistan — BMG» strategik maslahat beriş geňeşiniň döredilmegi türkmen Bitaraplygynyň Ýer ýüzünde parahatçylygy, gülläp ösüşi ilerletmekde näderejede möhüm orun tutýandygyny görkezýär.

Halkara giňişlikde hoşniýetli gatnaşyklary, parahatçylyk söýüjilikli syýasaty dabaralandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Mähri ORAZMUHAMMEDOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň 3-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026